„Usul“ diýmeklik, maksada ýetmekligiň ýollarynyň, tärleriniň kesgitlenen derejede tertipleşdirilen işini aňladýar.

Okatmagyň usuly diýlip, mugallym bilen okuwçylaryň özara arabaglanyşykly işiniň ýollaryna, okuw döwründe bilimiň, terbiýäniň meselelerini çözmäge gönükdirilen işe aýdylýar.

Okatmagyň usullary okuw döwrüniň iň wajyp komponentleriniň biri bolup durýar. Işe laýyk gelýän usul bolmadyk ýagdaýynda okatmagyň meseleleriniň we maksatlarynyň durmuşa geçirilmegini, okuwçylaryň okuw materialynyň mazmunyny özleşdirilmegini gazanyp bolmaz.

Ussat pedagoglar tarapyndan okatmagyň usullarynyň dürli görnüşleri kesgitlenilipdir.

Habar bermegiň we kabul etmegiň çeşmelerine laýyklykda: sözleýiş, görkezip okatmak we tejribe işleri bilen baglanyşykly usullara bölýärler. (S.I.Perowskiý, Ýe.Ýa.Golant)

Didaktikanyň esasy meselelerine baglylykda: bilim almak; endikleriň we başarnyklaryň kemala gelmek; bilimleriňi ulanmak; döredijilik işi; berkitmek; bilimi, başarnygy, endigi barlamak ýaly usullara bölýärler. (M.A.Danilow, B.P.Ýesipow)

Okuwçylaryň bilimleri özleşdirişiniň akyl ýetiriş (öwreniş) işleriniň häsiýetine laýyklykda şeýle usullary belleýärler: şekilli düşündiriş, repreduktiw, esasy meseläni düşündirmek, bölekleýin gözleýiş?, we barlag usullary. (M.N.Skatkin, I.Ýa.Lerner)

Okatmagyň usullarynyň öwretmegiň usullary bilen bagly usullaryň görnüşleri hem berilýär: jemleýji-habar beriş we ýerine ýetirijilik, düşündiriş we repreduktiw, …. (M.I.Mahmutow). Görkezilen her bir häsiýetnamanyň kesgitli esaslary bar. Okatmagyň usullary belli bir häsiýetlere görä toparlara bölünýärler. Häzirki wagtda okatmagyň nazaryýetinde we amalyýetinde giňden ýaýran häsiýetnamalar şulardan ybarat:

-bilim almak bilen bagly (sözleýiş, görkezip okatmak we tejribe işler bilen baglanyşykly);

-mugallymyň (okatmak usuly) we okuwçynyň (öwrenmek usuly) işleriniň görnüşlerine bagly;

-pikirleniş we akyl ýetiriş işjeňlik häsiýetlerine bagly (repreduktiw, düşündiriş-şekil, agtaryş, barlag);

-netije çykarmaklygyň görnüşlerine bagly (induktiw, deduktiw).

**Nazakat ORUNBAÝEWA**

Все права защищены

save pdf date >>> 27.11.2024

**Daşoguz welaýatynyň Beki Seýtäkow adyndaky mugallymçylyk mekdebiniň talyby**

Все права защищены